# Musulmanlara täze ýyl bellemek bolýarmy?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Pygamberimiz Muhammed sallallahu aleýhi we sellem hadysda:**"Şübhesiz siz sizden öňküleriň yzlaryna garyş-garyş eýerersiňiz. Hatda olar hažžygyň hinine girseler, siz hem girip görersiňiz."Sahabalar: Ýa Resulullah bizden öňkiler diýýäniň Ýahudy we Hristianlarmy? Diýdiler. Pygamberimiz: "Başga kim bolsun?"** diýdi.[1]

Başga bir rowaýatynda şeýle diýýär: **"Olardan biri ýoluň üstünde ejesi bilen zyna etse, sizden hem ony etjek tapylar."** [2]

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) 14 asyr öň ymmatynyň sezewar boljak azgynlygyndan habar berdi. Ol hem kapyrlara meňzemek, olara eýermek her meselede şolar ýaly bolmaga çalyşmakdyr. Gynansakda günümizde köp musulmanlaryň bu betbagtçylyga duçar bolanlygyny görýäris. Üstünde durmak isleýän mowzugymyz köp Türkmen maşgalalarynda giňden bellenilýän täze ýyl baýramydyr. Bu baýram Türkmen topraklarynda Sowet döwüründe bellenilip başlanylýar. Halkyň içine kapyrlaryň bu baýramy şeýle bir ýerleşdi welin, Gurbanlykda bir goýun alyp kesmäge ýagdaý tapmaýan maşgalalar, Hristianlaryň baýramy bolan täze ýyly bellemek üçin dünýäň puluny harjaýyşlaryna şaýat bolýarys. Musulmanlaryň Gurban we Ramazan baýramlaryny bellemeýänler, ençeme harajat edip gaýry dinlileriň baýramyny belleýärler. Üstesinede bu täze ýyl mynasybetli üýşülýän ýerleriň köpüsinde Allahyň haram eden zatlary edilýär. Alkagol önümleri, zenan-erkek garyşyk üýşmeleňler, haram bolan aýdym sazlar, zyna we başgada uly günäler edilýär. Bu ýagdaý, bu baýramy belleýänleriň köpüsinde bolýan zatdyr. Başga bir tarapdan bolsa, bu gije nähili geçse bütin ýyl hem şonuň ýaly boljakmyş diýen, batyl we küfür ynançlar hem halkyň içinde az däl. Bunyň ýaly pikirler, bir musulmanyň imanyny düýbünden bozýan ynançdyr. Her ýylda we günde nämäniň nähili boljagy diňe Allah Tagalanyň elindedir we kadara iman babyndandyr. Ýagny bu gijede Allahyň gazaby inýänligine şüphe ýokdur. Muňa hiç kim şübhe etmesin. Çünki alymlaryň aýdyşy ýaly kapyrlaryň baýaramyna ýönekeýje goşulmak uly günä bolup durka, kapyrlaryň simwoly bolan arçany öýüňde dikip, ol baýramy hut özüň bellemek we başgada haram zatlary etmegiň näderejede uly günäligi belli zatdyr.

Täze ýyl baýramy:

Bu baýram Isa aleýhis salamyň doglan güni mynasybetli bellenilýän, Hristian baýramydyr. Öz kalendarlaryna görä Isanyň doglan güni diýip, kabul edýän günlerini, Milady täze ýylyna birleşdirip belleýärler. Milady ýyl hasabynyň başlangyjy hökümünde hem Isa aleýhis salamyň doglan gününi esas edip alýarlar. Aslynda bolsa, Isa aleýhis salamyň doglan güni belli däldir. Muny Hristian çeşmeleriniň özi hem kabul edýärler.

Arça agajy:

Ýaprak dökmeýän agaçlary bezemek we onuň daşynda jemlenişmek, gadymy yewropa butçularynyň rituallarydyr. Taryhy maglumatlarda, yewropa halklarynyň hristianlygy kabul etmezden öň butparaz bolanlygy we arça agaja çokunandyklary habar berilýär. Olaryň ynanjynda arça agajy hemişe ýaşyl bolansoň ebedi ýaşaýyşyň simwoly bolupdyr. Olar arça agajyna dürli miýweleri we kiçiräk haýwanlary öldürip asmak bilen bezäp, öz butlaryna ybadat edipdirler. Wagtyň geçmegi bilen yewropalylar Hristianlygy kabul edensoňlar arça olaryň içinde, dini simwol hökümünde saklanyp galýar. We Merýem enemiziň Isa aleýhis salamy doguranda agajyň aşagynda oturanlygy baradaky rowaýat bilen birleşdirilip, göýä şol agaç Merýem enemiziň Isa alehis salamy dogurandaky agajyň simwoly hökümünde ullanylýar. Käbir Yewropalylar bolsa, arçany göýä Adam ata we How enäniň miýwesini iýen jennet agajynyň temsili hökümünde, täze ýyl güni öýünde bezäpdirler.

Aýaz baba:

Aýaz baba bolsa, taryhy çeşmelere göra bir döwür ýaşap geçen Hristian ýagşyzadasyny suratlandyrýar. Ol ýagşyzada

hemişe garyp maşgalalara kömek edenligi, hatda olary ynjytmazlyk üçin gije gelip penjireden ýa-da tüsse çykýan ýerden öýe sowgatlar taşlap gidenligi aýdylýar. We ýenede ol ýagşyzada kişi çykman oturan gyzlara, çykmaga kömek edýänligi rowaýat edilýär. Käbir ýewropa döwletleriniñ hekaýalaryna görä, aýaz baba höküminde, howada keýikleri bilen uçup gelýän we sowuk Skandinawýa ýaly yurtlarda ýaşanýan Santa Klawus kabul edilýär.

Bu makalamyzda kapyrlaryñ baýramyny hususanam täze ýyl bellemegiñ Yslamda haramdygyny, Kuran we Sahyh hadyslaryñ, ähli-sünnediñ, ulamalaryñ sözüniñ saýasynda beýan etdik. Allah Tagaladan bu makalamyzy musulman doganlarymyza peýdaly etmegini we musulman doganlarymyzyñ bu makala sebäpli, öz edýän ýalñyşlyklaryny bilip toba gelip, haka düşünmeklerini dileýäris!

**Kuran-Kerimden deliller:**

1-Allah Tagala ýahudy we hristianlar barada şeýle diýýär: **“.......Saña gelen ylymdan soñra, olaryñ (ýahudy, hristianlaryñ) howaýy nebislerine uýsañ, onda şübhesiz zalymlardan bolarsyñ.”** [3]

2- Allah Tagala aýatda: **“Şonuñ ýaly Biz ony (Kurany) arapça hüküm halynda iberdik. Eger sen özüñe gelen bu ylymdan soñra, olaryñ haý-höwäslerine eýerseñ, seniñ üçin Allah tarapyndan bir dost hem, goragçy hem bolmaz.”** [4]

Hafyz Ibn Kesir (rahimahullah) bu aýatyñ tefsirinde şeýle diýýär: “Sünnete, Muhammed (sallallahu aleýhi we sellemiñ) goýan ýoluna boýun bolandan soñra, azaşan kişileriñ yzyna eýermezligi üçin ylym eýelerine duýduruşdur.”

3-Allah Tagala aýatda: **“Eý iman edenler! Raina diýmäñ, unzurna diýiñ we diñläñ. Kapyrlar üçin agyr azap bardyr.”** [5]

Ibn Kesir (rahimahullah) bu aýatyñ tefsirinde şeýle diýýär: “Allah Tagala bu aýatda mü'min gullaryna kapyrlara sözlerinde we hereketlerinde meñzemegi gadagan etdi. Çünki yahudylar (musulmanlardan) kem tapmak üçin sözleri üýtgedip gürleýärdiler. Meselem ýahudylar “Bizi diñle” diýjek bolsalar, “Samahyllamak” manysyny añladýan “raunet” kökünden emele gelen (sözi ullanyp) “raina” diýýärlerdi. Bu söz bize seret we bize samahyl zatlar aýt manysy añladýanlygy üçin, Ýahudylar ikinji sözi üýtgedip aýdýardylar.....(Bu aýatdan) maksat sözde we hereketde kapyrlara meñzemekden, Allah Tagalanyñ gadagan edenligidir. Bu aýat sözlerde, hereketlerde, geýim-gejimlerde, baýramlarynda, ybadatlarynda we bize meşrug bolmaýan, biziñ gollamaýan ähli zatlarymyzda kapyrlara meñzemegiñ düýbünden gadagandygyna yşarat edýändir we olara meñzeýänleri howatyr edip, gorkuzýandyr.”

Çünki ýahudylar “raina” sözüni Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) üstünden güljek bolup, “bize samahylla” manysynda, Oña garşy ullanýardylar. Şonuñ üçin hem Allah Tagala mü'min gullaryna gürlänlerinde hem kapyrlara muhalefet etmegi, olara garşy bolmagy we olara meñzemezligi buýurdy. Eger Allah Tagala musulmana gürlände hem kapyra meñzemezligi buýran bolsa, olaryñ edenini edip, olaryñ baýramlaryny bellemegiñ näderejede erbetligini sen pikirlen eý musulman dogan!

4-Allah Tagala aýatda: **“Iman getirenler üçin kalblary Allahyñ zikrine we indirilen Hak Kurana maýyl bolmak** (isleg duýmak, gorkmak)**wagty gelmedimi? Özlerine öñ kitap berilip, üstünden uzak wagt geçenden, soñra kalblary gatap galan (ýahudy we hristianlar) ýaly bolmasynlar. Olaryñ (ýahudy we hristianlar) köpüsi fasyk kişilerdir.”** [6]

Ibn Kesir (rahimahullah) bu aýatyñ tefsirinde şeýle diýýär: “Allah Tagala mü'min gullaryna ähli -kitaba ýagny Ýahudy we Hristiana meñzemegi gadagan etdi......”

5-Allah Tagala aýatda: **“Zulum ýoluny tutan kimselere meýl etmäñ. Beýle etseñiz, size dowzah ody deger. Siz üçin Allahdan özge dost ýokdur. Soñra (ýagny zalymlara eýerseñiz) size ýardam berilmez.”**[7]

Şeýh Abdurrahman es-Sadi (rahimahullah) şeýle diýýär: “Bu aýat ähli zalymlara meýl etmekden howatyr edendir. Meýl etmekden maksat: Zalyma ýakynlaşmak, zulumyna goşulmak, bu meselede oña (zalyma) eýermek we edýän zulumyna razy bolmakdyr.”

Eziz musulman doganym Allah saña rehim etsin! Allah Tagala bize kitabymyz Kuran-Kerimde kapyrlaryñ, zalymlaryñ baýramyny bellemek añyrda dursyn, olara meýl etmekden, azajyk hem bolsa, zalymlara we olaryñ edýän zatlaryna garşy isleg duýmakdan, eýermekden ägä edendir!

6-Allah Tagala aýatda: **“Eý iman edenler, ýahudylary we hristianlary dost edinmäñ! Olar biri-biriniñ dostydyrlar. Sizden kim olary dost edinse, ol hem olardandyr. Allah zalym kowuma hidaýet etmez.”**[8]

Bu aýatda kapyrlary dost edinmek olara isleg duýmak, älemleriñ Robbi tarapyndan ap-açyk gadagan edilýär.

Ibn Kesir (rahimahullah) bu aýatyñ tefsirinde şeýle diýýär: “Allah Tagala aýatda Yslamyñ we musulmanlaryñ duşmany bolan Ýahudy we Hristianlar bilen dost bolmagy mü'min (iman eden) gullaryna gadagan edýär. Soñra bolsa, olaryñ biri-birleriniñ dostydygyny habar berýär we olara dost bolanlara duýduruş berip we : **“Sizden kim olary dost edinse, ol hem olardandyr.”** diýýär.

7-Allah Tagala aýatda: **“Olar (musulmanlar) ýalana “zur”a şaýat bolmazlar we lagwa (boş söz we amala) duşanlarynda, agraslyk bilen (ondan ýüz öwürüp) giderler.”** [9]

Allah Tagala bu aýatda batyl adatlarynda, kapyrlara garşy durany we ýalan zada şaýatlyk etmeýän bendelerini öwendir. Kuran tefsirçileri, tabygynlardan selef alymlar we olaryñ ýolundan ýöränleriñ köpüsi terjimede “ýalan” diýip, terjime edilen “zur ” sözüni müşrükleriñ baýramy diýip, tefsir edendirler.

Müşrükleriñ baýramlarynda hem şübhe hem-de şehwet bardyr. Bular batyldyr, çünki bularda dini taýdan hiç bir peýda ýokdur. Bu baýramlardaky dünýewi keýp we lezzetleriñ netijesinde bolsa, azap we ajydyr. Şonuñ üçin hem “zur”a (ýalan) diýilendir. Zura şaýatlyk etmek bolsa, onuñ bolýan ýerine (kapyrlaryñ baýramlaryna) gatnaşmak diýmekdir. Allah Tagala diñe ol ýere baryp, görüp we diñläp, şaýat bolmagy terk edýän kişileri öwen bolsa, ol ýere gidip şaýat bolmakdan beter bu baýramlara goşulmak we baýram bellemek bilen olara eýermegiñ hökümi nähili bolar.?

**Resulullah (sallallahu aleýhi we sellemiñ) sünnetinden deliller:**

1-Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi: **“Kim bir millete meñzese, ol hem olardandyr.”**[10]

Alymlar bu hadysyñ şerhinde: Musulmanyñ ynançda, ybadatda, ahlakda, özüni alyp barşynda, söz we adatlarynda kapyrlara meñzemegi, olara eýermegi, olaryñ agzyny öýkenmegi haramdyr diýip, şerh edendirler.

Hakykatdan hem bu örän möhüm zatdyr, çünki daşy meñzäniñ wagtyñ geçmegi bilen içi hem meñzäp başlar. Kimdir biri çykyp: “Biziñ maksadymyz kapyrlara meñzemek däl, biz diñe ol gün jemlenip nahar-şor edýäris” diýse, oña şeýle jogap beriler: “Kapyrlaryñ baýramlaryna gabatlap jemlenişmek we olaryñ baýramyna goşulmak haramdyr.

Çünki Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) rowaýat edilen sahyh hadysda: **“Pygamberimiz günüñ dogýan we batýan wagtynda namaz kylmagy gadagan edendir.”** (Buhari)

We şeýle diýendir: **“Gün şeýtanyñ iki şahy arasyndan dogar we şol wagt kapyrlar oña (güne) sežde ederler.”** (Muslim)

Ýagny güneş dogýarka we batýarka namaz kylmagyñ gadan edilmegi, kapyrlaryñ şol wagt güneşe ybadat edýänligi üçindir. Namaz kylan kişiniñ niýeti güneşe ybadat etmek ýa-da käfirlere goşulmak bolmasada. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şol wagt olara gabatlaşyp, ybadat etmegi gadagan edendir.

Eý musulman dogan berk belle: takwa, salyh, ýagşyzada kişilere meñzejek bolýanlar, olar hem olardandyr. Kyýamat gününde ol takwa we salyh kişiler bilen bile bolarlar. Emma ýahuda, hristiana we başga kapyrlara meñzejek bolýanlar hem ol kapyrlardandyr we Allah gorasyn kyýamatda şol meñzemäge çalyşan kişileri bilen bile bolarlar.

2-Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi: **“Bizden başgasyna meñzeýän bizden däldir. Ýahudy we hristianlara meñzemäñ. Çünki ýahudylar salamlaşanlarynda barmaklary bilen yşarat ederler, hristianlaryñ salamy bolsa, elleriniñ aýasy bilen yşarat etmekdir.”** [11]

SubhanAllah! Özüne Muhammed (sallallahu aleýhi we sellem) ymmaty diýýän kişileriñ arasynda, edil kapyrlar ýaly bolup olara eýerýän, olaryñ edenini edýän, olaryñ baýramlaryny belleýän kişiler barada, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) näme diýerdi? Kapyrlaryñ salam berişi ýaly salam bermegi gadagan edip, ony olara meñzemek diýip atlandyran Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) öz ymmatynyñ içinde kapyrlaryñ baýramyny baýram edip, arça bezäp, aýaz baba bolup, hristianlaryñ baýramyny belleýänleri görse näme diýerdi?

3-Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi: **“Kim bizden başgasynyñ sünneti (ýörelgesi, adaty) bilen amal etse bizden däldir.”** [12]

Kimde-kim Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetini taşlap, sünnete ters bolan zatlara amal etse, ýahudy we hristianlaryñ adatlaryna eýerse, gymmatly, fazilet, üstünlik bolan zady taşlap, kapyrlaryñ zerre ýaljak hem gadyr-gymmaty bolmaýan zatlarynyñ yzyna düşse we olary gowy görse, bu kişi özüne musulman diýsede, Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ýolundan çykan kişidir.

4-Sabit bin Dahhakdan (radiallahu anh) şeýle rowaýat edilýär: **“Bir adam Buwane diýilýän ýerde bir düýäni gurbanlyk etjek diýip, nezir etdi. Ol kişi Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna gelip: Men Buwane diýilýän ýerde bir düýäni gurban etmegi nezir etdim diýdi.? Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Oña: Ol ýerde (Buwanede) jähiliýýe döwründe buta ybadat edýärdilermi? Diýip, sorady. Ýok, diýdiler. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ol ýerde, olar (müşrikler) baýram belleýärdilermi? diýip, sorady: Ýok, diýdiler. Şonda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi: Onuñ ýaly bolsa, nezriñi kes diýdi,....”** [13]

Hadysdan hem belli boluşy ýaly kapyrlaryñ baýramlaryny bellemek añyrda dursun, olaryñ baýram edýän ýerine baryp Allaha ytagat, ybadat bolan amaly etmek hem günä hasaplanýar. Çünki bunda olaryñ şirk we batyl adatlaryny edýän ýerlerini tassyklamak bardyr.

Hanafi alymlaryndan Allame Molla Aliýýul-Kari (rahimehullah) bu hadysy şerh edip soñunda şeýle diýýär: “Bularyñ ählisi kapyrlara meñzmekden ägä etmek üçindir.” [14]

5- Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Her bir kowumyñ baýramy bardyr. Biziñ baýramymyz bu gündir.”** [15]

Musulmanlaryñ Allah Tagala tarapyndan berlen iki sany baýramy bardyr, olar Ramazan we Gurban baýramydyr.

6-Enes bin Maligiñ (radiallahu anh) şeýle diýeni rowaýat edilýär: **“Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Medinä gelende, Medinelileriñ şatlyk, şowhun edýän iki (baýram) günleri bardy. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) olara: Bu günler näme diýip, sorady. Olar: Biz jähiliýýe döwründe bu iki günde oýun-oýnap (şowhun) ederdik, diýdiler. Şonda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) olara: Allah Tagala size bularyñ ýerine has haýyrlysyny berdi, ol günler Gurban we Ramazan baýramlarydyr.”**[16]

7- Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ymmatyna Ýahudy we Hristianlara meñzemezligi buýrandyr we muña amal etmek Onuñ sünnetidir. Hadysda:

-Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Müşrüklere muhalefet ediñ** (olaryñ tersine hereket ediñ)**: sakalyñyzy göýberiñ we murtlaryñyzy gysgaldyñ.”** [17]

-Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Ýahudylara muhalefet ediñ** (olaryñ tersine hereket ediñ)**: aýakgaply namaz kylyñ çünki olar (yahudylar) aýakgaply we şyppykly namaz kylmazlar.”** [18]

-Ümmi Selemeden (radiallahu anha) şeýle diýeni rowaýat edilýär: Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) köplenç birinji we dördünji günleri agyz beklärdi we şeýle diýerdi: **“Bular müşrükleriñ baýram (günleridir). Men** (bu günleri oraza tutmak bilen) **olara muhalefetetmek** (olara garşy bolmak) **isleýärin.”** [19]

-Ebu Musa el-Eşariñ (radiallahu) şeýle diýeni rowaýat edilýär: Ýahudylar aşura güni baýram bellärdiler. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi: **“Siz olara muhalefet** (olaryñ edeniniñ tersini) **ediñ. Siz agyz bekläñ.”** [20]

**Sahabalaryñ kapyrlara meñzemezlik barada aýdan sözleri.**

-Mü'minleriñ Emiri Omar bin el-Hattab (radiallahu anh) şeýle diýdi: “**Allahyñ duşmanlary (kapyrlar) baýram bellänlerinde, olardan uzuk duryñ.”** [21]

- Muhammed bin Sirinden şeýle rowaýat edilýär, ol şeýle diýdi: **“Ali (radiallahu anha) Nowruz sowgady getirdiler. Bu näme? Diýdi. Olar: Eý mü'minleriñ Emiri, bu gün Nowruz günüdir, diýdiler. Hezreti Ali: Her güni feýruz ediñ, diýdi. Ebu Usame aýtdy: Ali Nowruz diýilmegini halamaýardy.”** [22]

-Abdullah bin Amr bin el-As (radiallahu anh) şeýle diýdi: **“Kim-de kim ......gaýry dinlileriñ nowruzlaryna we baýramyna goşulsa we tä ölýänçä olara meñzäp gezse, kyýamat gününde ol (kapyrlar) bilen bile direldiler.”** [23]

**-** Abdullah bin Mesud (radiallahu anh) şeýle diýýär: **“Kalplar biri-birine meñzemese, daş görnüş biri-birine meñzemez.”** [24]

**Kapyrlaryñ baýramyny bellemezlik barada alymlaryñ aýdan sözleri:**

Hanefi alymlaryndan Molla Aliýul Kari (rahimahullah) şeýle diýýär: **“Nowruz güni mejusulara ýumurtga sowgat bermek küfürdir. Çünki muny etmek bilen olaryñ küfrüne we azgynlygyna kömek etdigiñ bolar ýa-da olara meñzedigiñ bolar.....“Mejmau'n-Newäzil”de şeýle diýilýär: Nowruz güni mejusular (baýram üçin) üýşende,**

**musulmanlardan biri hem olaryñ üýşmeleñi barada: Gowy geçirdiler diýse, kapyr bolar. Çünki bu sözi diýmek bilen, Yslamy erbetlemegi içine aljak derejede, küfrüñ (kapyrlaryñ) ýagdaýyny halaýandygyny aýtdygy bolar. "el-Fetawa-es-Sugra"da şeýle diýilendir: Kim öñ almaýan zadyny nowruz gününiñ hormaty üçin (nowruz bellemek maksady bilen ) satyn alsa kapyr bolar. Çünki muny etmek bilen kapyrlaryñ baýramyna sylag-hormat etdigi bolar."** [25]

Uly alym muhaddis ez-Zehebi (rahimahullah) kapyrlaryñ baýramyny bellemek barada şeýle diýendir: **"Ýahudylaryñ we Hristianlaryñ baýramlaryna we belli günlerine goşulmakdan beter erbet zat barmy? Çünki käbi musulmanlar, olaryñ (kapyrlaryñ) edişleri ýaly (kapyrlaryñ baýramyna mahsus bolan) çörek bişirýärler, dürli tütünler (salýutlar) satyn alýarlar, zenanlara we çagalara hyna (boýag) edýärler, ýumurtga boýaýarlar, täze egin-eşikler geýinip, bezenip şähere we çeşmeleriñ boýuna gezmäge çykýarlar. Olar (kapyrlar) biziñ gol astymyzda ýaşasalarda biziñ hiç bir zadymyza goşulmazlar, biziñ baýramlarymyzda (baýram belläp) bize meñzemezler....**

**(Pygamberimiziñ) sünnetine, ýoluna garşy gelip durkalar, din duşmany azan kapyrlaryñ edenini edip (baýramyny belläp), kyýamat güni Pygamberimiziñ ýüzüne nädip seretjek?**

**Eger bir kişi: Biz (bu baýramy) diñe çagalar we zenanlar güýmensin diýip, (olaryñ göwni) üçin belleýäris diýse, ol kişä: Ynsanlaryñ iñ ýamany maşgalasynyñ we çagalarynyñ, Allahy närazy etjek zady etmelerine rugsat beren kişidir, diýiler.**

Abdullah bin Amr bin el-As (radiallahu anh) şeýle diýdi: **"Kim-de kim ......gaýry dinlileriñ nowruzlaryna we baýramyna goşulsa we tä ölýänçä olara meñzäp gezse, kyýamat gününde ol (kapyrlar) bilen bile direldiler."** Bu Onuñ sözüdir. Bu söz, bu herekediñ (kapyrlaryñ baýramyny bellemegiñ) uly günälerdendigini añladar we ondan az zady eden (bellän) kişi netijede ondan has beterini etmäge başlar. Bir musulmanyñ bu (şer) gapysyny doly ýapmagy we maşgalasyny, bu zatlardan uzak tutmagy gerekdir. Ýagşylyk we haýyr işler adatdyr. Bidgatlardan goranmak ybadatdyr.... " **[26]**

Eý musulman ýekeje gezek bir ýahudynyñ ýa-da hristianyñ musulmanyñ Gurbanlygynda goýun soýanyny gördiñmi ýa-da Ramazan baýramynda fytr sadakasyny berenini gördüñmi? Elbetde sen olaryñ beýle ednini görseñ, olar musulman bolaýdymyka diýersiñ! Ýa-da kapyrlaryñ musulmanyñ baýramy mynasybetli öýlerinde ýörite nahar bişirip üýşmeleñ edenlerini, çagalaryna sowgat alanlaryny gördüñmi?

Allah bizi gaflat ukusundan oýandyrsyn.

Uly alym meşhur Ibn el-Kaýýim (rahimehullah) şeýle diýýär: **"Kapyrlary simwollary (baýramlary) mynasybetli gutlamak alymlaryñ bir agyzdan aýtmagy bilen haramdyr. Bu diýmek ýagny olara "baýramyñ mübärek bolsun" ýa-da "baýramyñ gutly bolsun" ýaly zatlar aýtmakdyr. Buny diýen kişi bu söz sebäpli kapyr bolmasada, haram işi etdigi bolar. Bu bir Hristiana haja (kresta) sežde edenligi üçin gutlamak ýaly zatdyr. Hatda (kapyryñ baýramyny gutlamak) bir kişini şerap içenligi, adam öldürenligi, zyna ýaly uly günä edenligi üçin gutlamakdan hasa beterdir. Diniñ gadryny bilmeýän we bu işiñ erbetliginden habary bolmaýan köp kişi, bu günä sezewar bolarlar. Bir kişini günäsi ýa-da bidgaty ýa-da küfri sebäpli gutlan kişi, hökman Allahyñ gazabyna duçar bolar."** [27]

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

*1-Buhari, Muslim.*

*2-Hakim, el-Mustedrek. Şeýh Albani hadysa sahyh diýdi. Seret: es-Sahiha, No: 1348.*

*3-Bakara, 2/145.*

*4-Rad, 13/37.*

*5-Bakara, 2/104.*

*6-Hadid, 57/16.*

*7-Hud, 11/113.*

*8-Maide,5/51.*

*9-Furkan, 25/72.*

*10-Ebu Dawud, Şeýh Albani sahyh diýdi.*

*11-Tirmizi. Şeýh Albani sahyh diýdi.*

*12-Taberani, el-Mujemul-Kebir, 1/118. Şeýh Albani hasen diýýär: es-Silsiletus-Sahiha, 5/193.*

*13-Ebu Dawud. Şeýh Albani sahyh diýdi.*

*14- Mirakatul-Mefatih Şerhu Mişkatil-Mesabih.*

*15-Sahyh Buhari.*

*16-Ebu Dawud. Şeýh Albani Sahyh diýdi.*

*17-Sahyh Muslim.*

*18-Ebu Dawud. Şeýh Albani sahyh diýdi.*

*19-Ahmed, Müsned, 6/324. Senedi hasen.*

*20-Sahyh Buhari.*

*21-Beýhaki, es-Sunenul-Kubra.*

*22-Beýhaki, es-Sunenul-Kubra.*

*23-Beýhaki, es-Sunenul-Kubra.*

*24-Beýhaki, es-Sunenul-Kubra.*

*25-Şerhu'l-Fykhu'l-Ekber.*

*26-Teşbihul'-Hasis bi Ehli'l-Hamis, Tahkyk: Meşhur Hasen Selman. Mejelletu'l-Hikme.*

*27-Ahkamu Ehli-Zymme.Muhammed bin Salih el-Useýmin, Mejmuu Fetawa we Rasail, 3/44.*